# Göroglynyñ yzlary

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Göroglynyñ yzlary GÖROGLYNYÑ YZLARY

Goşa mertlik, goşa dessanym meniñ,
Göroglyñ, Gyratyñ galan yzlary.
Dünýä bilen Türkmenistanym meniñ,
Göroglyñ, Gyratyñ galan yzlary.

Guş kimin uçupdyr çümüp dumana,
Haýkyranda duşman gelen amana,
Adyllykda watan söýlen zamana,
Göroglyñ, Gyratyñ galan yzlary.

Şeşmeriñ – bilinde, elinde – ýaýy,
Düýrme gylyç, galkan… barmydyr taýy?!
Ýyldyz dag, Çandybil çar bagly jaýy,
Göroglyñ, Gyratyñ galan yzlary.

Jahanşa mekany, Kabyñ ýerini,
Aždar urup alan Ýunus perini,
Görkezip dur batyrlygyñ syryny,
Göroglyñ, Gyratyñ galan yzlary.

Watan goramagyñ joşgun – meýlidir,
Diýaryña yşkyñ artýar şeýlebir,
Gardaş, zyýarat kyl, merdem eýleýir,
Göroglyñ, Gyratyñ galan yzlary.

Uzak AMANNAZAROW. Goşgular